# Täze enjam / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Täze enjam / satiriki hekaýa TÄZE ENJAM

Satyjylaryň ählisi ýygnanandan soň uly dükanyň müdiri ör turup, gyzylödegini arçady-da, söze başlady. Satyjylar näme täzeligiň bardygyndan bihabar bolansoňlar, müdiriň sözüniň ýekejesini-de sypdyrman, ýuwdup otyrdylar.
– Ýoldaşlar, şu gün size täze bir habar, onda-da begençli habar aýtmakçy – diýdi-de, üsgürinjiräp, işgärlerini birlaý gözden geçirdi. Hemmeleriň özüne uly gyzyklanma bilen seredýänini görüp, sözüni dowam etdi:
– Ilata edilýän hyzmatyň hilimi öňküden-de gowulandyrmak üçin biz yzygider aladalanýarys. Hawa, hut şu maksat bilen biz ertir dükanymyza täze bir enjam ornaşdyrmakçy. Onsoň siziň müşderilere etmeli hyzmatyňyz öňküden ep-esli ýeňleşer – diýdi-de, ýene-de işgärleriniň ýüzüne birlaý göz gezdirdi. Olaryň käbiriniň ýüzünde kanagatlanma alamatlary duýulýan bolsa, köpüsi entegem direktoryň sözüniň soňuna garaşyp, ünsi elden bermän otyrdylar.
– Hawa, ýoldaşlar, indiden beýläk satyjylar bilen siziň araňyzdaky örän uzaga çeken oňşuksyzlyk gylyç bilen kesilene döner. Hyzmat edişiňiziň hili gowulanar. Adyňyz öwlüp, gazet-žurnallarda çykar. Gymmat bahaly baýraklar bilen sylaglanyp durlarsyňyz. Döşüňizi «Joşgunly zähmet ýaryşynyň ýeňijisi», «Zähmetde tapawutlanandygy üçin» diýen medallar bezär. Adyňyz Hormat tagtasyndan düşmez. Adamlar size hormat goýar…
Edil şol wagt begenjinden içi byjyklap, sözüň soňuna çenli diňlemäge takaty çydamadyk, garynlak, tüýlek, semizlikden ýaňa alkymynyň aşagy sallanyp duran satyjy müdiriň sözüni böldi-de, ýalynjaňlyk äheňde:
– Ýoldaş başlyk, şol diýýän tehnikaňyzy edil şi wagt ornaşdyraýsak neneň bolarka? – diýip, zoraýakdan gülen boldy-a, duýgudaşlyk isläp, töweregindäkileriň ýüzüne seretdi.
– Dogry, edil, şu wagt ornaşdyrmaly. Goý, ilat biziň

hyzmatymyzdan hoşal bolsun! – diýip, satyjylar ýerli-ýerden gygyryşdylar.
Dükanyñ müdiri «Köşeşiñ» diýen äheñss elini galdyrdy-da, sözüni dowam etdi.
– Gynansagam, bu gün boljak däl. Täze enjamy ertir getirjeklerem, gurnajaklaram.
– Ýoldaş başlyk, ýogsa-da, täze gurnajak enjamyñyz nähili zat, ady näme?! – diýip, hälki garynlak ýene-de ýylgyrjaklap, dükan müdirine ýüzlendi.
– Elektron terezi! Hawa, ol terezi harydyñ agramyny dürs görkezýär, hemem bahasyjy kesgitleýär. Täze enjamy işimize ornaşdyrsak, alyjylar «kem çekdi-de», «artyk aldy» diýşip, siz bilen dawa turzup bilmez. Ine, ýoldaşlar, täze enjam şeýle. Ol siziñ wagtyñyzy-da tygşytlar!
– Nä-ä-me!!!
Hälki satyjy ýylan gysymlan dek boldy. Uludan haşlap, özüni lampa aşak goýberdi. Onuñ alty putluk agramyna döz gelmedik oturgyç «şakyrt» etdi-de, jaýyñ poly bilen ogşaşyp ýatyberdi.

Jorageldi SAPARGELDIÝEW. Satiriki hekaýalar